# Rejepmyrat Durdyýew

Category: Kitapcy,Powestler,Psihologiýa,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 25 января, 2025
Rejepmyrat Durdyýew REJEPMYRAT DURDYÝEW
(1946-2003)

Ýetmişinji ýyllarda türkmen edebiýatyna gelen ýaş zehinleriň biri Rejepmyrat Durdyýewdir. Ýazyjynyň sadadan çuň mazmuna eýe bolan, täsirli, duýguçyl hekaýadyr powestlerinde ýazyjynyň özboluşly döredijilik stili, gahrymanlaryň keşplerini döretmäge özboluşly çemeleşmeleri bada-bat göze ilip ugrady.
Onuň ilkinji kitaby 1976-njy ýylda «Sähra ýyldyzy» ady bilen neşir edildi. Soňra «Oragatdy» (1978), «Nowça» (1980), «Mukad¬des der» (1981), «Men baharda gelerin» (1983), «Durmuş bosagasy» (1983), «Ilkinji bahar» (1985), «Durnalar gaýdyp gelende» (1988), «Torgaý owazy» (1991), «Watan säheri» (1995) ýaly kyssa kitaplary okyjylara gowuşdy.
Rejepmyrat Durdyýewiň döredijiligi esersaýyn, kitapsaýyn ösdi. Ol «Ilkinji bahar», «Durnalar gaýdyp gelende» atly kitaplary üçin Türkmenistanyň ýaşlar baýragynyň eýesi diýen ada mynasyp boldy.
Eýýäm onuň «Oragatdy» atly ikinji kitaby ýazyja meşhurlyk getirdi, hatda ol türkmen çagalar edebiýatynyň-da ajaýyp üstünligi boldy.
R.Durdyýew öz gahrymanlaryny göni durmuşyň jümmüşinden getirip, gowy hem ýetmezçilik taraplaryny bolşy ýaly çeper surat¬landyrdy. Ýazyjynyň maksada okgunly gahrymanlary hakyky gözelligi adamyň ruhy dünýäsinden gözlediler. Bu gahrymanlar haýsydyr bir taýyn ýol bilen gitmän, durmuşdaky menzili özleriçe geçmäge, durmuşy öz isleýişleri ýaly göz öňüne getirmäge, durmuşa özbaşdak düşünmäge çalyşdylar. Munuň özi R.Durdyýewiň eserleriniň roman¬tik häsiýetlidigini ýüze çykarýan, esaslandyrýan pikirdir. Ýazyjynyň eserlerinde romantiklik güýçli bolup, onuň döredijiligi romantik rea¬lizme esaslanandyr.

Ýazyjy eserlerinde ýetginjekleriň öz öňlerinde goýýan maksat¬laryny, olaryň ululary̆ň dogry ýa-da nädogry hereketlerini synlap, çykaran netijelerini çuňňur psihologik esasda yzarlaýar.
«Kepderi bolup uçsamdym» powestiniň baş gahrymanlary Röwşen bilen Lälezar ykbaldaş çagalar. Ýazyjy eserde eneli-ataly ýetim bolmaklyk derdeseri başyna inen çagalaryň birbada ikisiniň keşbini döredipdir.
Röwşeniň ejesi bilen kakasy ol entek alty ýaşyndaka aýrylyşýarlar. Röwşen ejesiniň elinde terbiýelenýär, kakasy bolsa başga biri bilen goş birikdirýär. Soňky döwürde Röwşen tiz-tizden kakasyny küýsäp başlaýar. Kakasy hakda soranda ejesi her gezek onuň «kaka» diýen söze mynasyp däldigini nygtap aýtsa-da Röwşen barybir ony unudyp bilmeýär. Röwşen pikirlenip-pikirlenip, ahyry kakasyna duşup görmeli diýen karara gelýär.
Kakasynyň mährini duýmadyk Röwşen özüniň ýalňyşyp gelendigine düşünip galýar. Ejesiniň aýdyşy ýaly, doňýürek we zalym kakasy durmuşyň manysyny maşgala abatlygynda däl-de, bolelin ýaşamakda we ýokary wezipe edinmekde görýär.
Waka munuň bilen gutarmaýar. Röwşen bu maşgalada özi bi¬len ykbaldaş bir gyzjagazyň bardygyny, onuň ýagdaýynyň bolsa özüniňkidenem juda erbetdigini eşidensoň, wakalaryň gidişi başga tarapa ugrukdyrylýar.
Lälezar atly gyzjagaz – Röwşeniň kakasynyň öweý gyzy. Goňşy garrynyň gürrüňlerinden Röwşen Lälezaryň kyn günleri başdan geçirendigini, häzirem bilinden aşagynyň ysmaz bolup, maýyplar öýünde ýatandygyny anyklaýar. Lälezaryň keç ykbaly Röwşende doňýürek kakasyna we onuň aýalyna bolan ýigrenji has-da artdyrýar. Didarlaşmak, göwünlik bermek maksady bilen, Röwşen ejesinden gizlin Lälezaryň ýanyna gatnap başlaýar. Lälezara daşgyn garyndaşlary hökmünde tanyşlyk berýär, onuň bilen umumy dil tapyşýar.
Mähirlije, gamgynja Lälezar kepderileri örän gowy görensoň, ol penjiresiniň öňüne kepderiler uçup gelenlerinde olardan gaýtalan¬majak lezzet alýar. Gyzjagaz öz dünýäsinde kepderilere göwün berşi ýaly, özi bilen dertdeşdigini bilmese-

de, haýsydyr bir ruhy ýakynlyk duýup, Röwşene imrigýär, oglanjyk onuň üçin ýürekdeş ynsana öwrülýär. Ýazyjy iki çaganyň psihologiýasyndaky ýakynlygy emosi¬onal taýdan gowy teswirleýär.
Lälezar hem kakasyny küýseýär. Oňa ençeme gezek hat ýa¬zandygyna seretmezden kakasynyň halyndan habar almaýandygyny Röwşene gürrüň berýär.
Lälezaryň nähili duýgulary başdan geçirýändigini tutuş süňňi bi¬len syzýan Röwşen onuň arzuwyny hasyl etmekligiň ugruna çykýar. Ol köp kynçylyk çekip, Lälezaryň kakasyny gözläp tapýar. Röwşen özelenip, Lälezaryň ýagdaýynyň gaty agyrdygyny, eger kakasy ba¬raýsa onuň göwni göterilip, gutulyp gidibermeginiň mümkindigini çyny bilen düşündirýär. Bu doňýürek adamyň hökman barjakdygy barada beren sözüne onçakly ynanmasa-da Röwşen muňa-da begenip gaýdýar.
Lälezaryň aradan çykanlygyny eşiden Röwşen çekip-çydardan agyr hasraty başdan geçirýär. Ol Lälezaryň haýsydyr bir gudrat bilen kepderä öwrülendigine tüýs ýürekden ynanýar.
Ýazyjy powestde sazlaşykly kompozisiýanyň esasynda dartgynly ýordumy guramagy başarypdyr. Eseriň başlanyşy-da, ondaky garşylygyň ösüşi-de, çözülişi hem okyjynyň göwnünden turýar. Powestiň wakalarynyň dartgynly bolmagynda suratlandyrylýan gahrymanlaryň janly, maksada okgunly hereket etmekleri uly ähmiýete eýedir. Sebäbi okyjy eserden öz idealyny gözleýär. Ony mert, güýçli häsiýetli, berk ruhy güýçli, her hili ýagdaýlardan baş alyp çykýan, hakyky durmuş garşylyklaryny ýeňip geçýän ruhana keşpli Röwşen ýaly gahrymanlar özüne çekýär.
Ýazyjy öz pikirlerini esasy meseläniň töweregine çugdamlamagy başaryp, maşgalany abat saklamak ugrundaky göreşe däp bolşy ýaly, uly adamlary däl-de, gönüden-göni çagalary hem ýetginjekleri çekýär. Göräýmäge ýazyjynyň eserlerinde ýetginjekleriň esasy hereketlendi¬riji güýje öwrülmegi, olaryň hemme meselede dogry garaýyşlarda durýan edip, görkezilmegi birbada ynandyryjy däl ýaly bolup görünýär. Emma ýazyjy şol gahrymanlaryň aňlarynda bolup geçýän ruhy-psihologik hadysalary romantik esasda örän ynandyryjy teswir¬lemegi

başaryp, okyjynyň ynamyna girýär, kem-kemden okyjynyň özüni-de gahrymanlar bilen bilelikde hereket etmäge höweslendirýär, bile söýdürmegi, bile ýigrendirmegi başarýar. Bu bolsa okyja täsir etmegiň oňyn ýoludyr.

R.Durdyýew romantik garaýyşlara berilmek bilen ýaşlarda ýo¬kary ahlagy, estetiki gözelligi terbiýelemegi esas edindi, käbir uly adamlaryň garaýyşlaryndan käwagt ýaşlaryň pikiriniň netijelidigine ünsi çekdi. Ýazyjy jemgyýetdäki ahlak gyşarmalarynyň garşysyna köplenç öz ýaşajyk gahrymanlaryny goýdy. Ýeri gelende aýtsak, R.Durdyýewiň idealyna öwrülen ýetginjek gahrymanlarynyň ählisiniň diýen ýaly durmuş barada uly adamlaryňka berimsiz garaýyşlary bar. Buýagdaýy biz Röwşen bilen Lälezarda-da («Kepderi bolup uçsamdym»), Azat bilen Maksatda-da («Şeýtan külbesi»), Nowça bilen Bakyda-da («Ak derekleriň aýdymy») görüp bileris. Ýazyjy gahrymanlaryny durmuş hadysalarynyň içinden geçirende ýeke goýmaýar we olary birjigem gözden salmaýar. Bu gahrymanlar durmuşa juda päklik hem jogapkärçilik bilen çemeleşip, ululara-da eý¬gertmeýän meseleleriň üstünde kelle döwýärler, çözgüt gözleýärler.

Ýazyjynyň «Ak derekleriň aýdymy» powestinde hem ýetginjekleriň gözellige, adamyň sazlaşykly ruhy dünýäsine bolan estetiki garaýyşlary çeper keşpleriň üsti bilen berlipdir. Powestiň roman¬tik häsiýetli baş gahrymany iňňän inçelik bilen gözelligi duýmagy, söýmegi başarýan Nowçanyň üýtgeşik suratkeşlik ukyby bar. Onuň näzik hem nepis dünýäsine tebigat gözellikleriniň edýän şahyrana täsi¬rini eseriň bütin dowamynda duýmak mümkin. Nowçanyň gije-gündiz hyýaly, ähli pikiri tebigatyň owadan şekilleri bilen baglanyşykly bolup, olar ýaşajyk suratkeşiň ruhy dünýäsini baýlaşdyrýarlar, lezzet berýärler, ony özleriniň jadyly älemine tarap alyp gidýärler. Ýazyjy Nowçanyň kalbyndaky döredijilik hupbatlaryny, gözellige bolan teşneligini yzarlap, onuň dünýäsini okyjynyň öňünde kem-kemden ösdürýär.

Nowçanyň duýgur ýürejigine, onuň gözellikleri ilden öň duýmagy başarýan tebigy zehinine, üýtgeşik owadan dünýäsine ýazyjy gödekli¬gi, köre-körlügi garşylyk hökmünde getirýär. Onuň köne pikirli enesi Patma eje agtygynyň surat çekmekligine düýbünden

garşy. Aslynda ýüreginde diňe gowulyk bolsa-da sowatsyz garry ähli meseleleri dini taýdan çözmegi dogry hasaplaýar. Başda agtygynyň surat çekýäni¬ne onçakly bir ähmiýet bermese-de, soňundan bu pişäniň Nowçanyň ömrüniň manysyna öwrülip başlandygyny duýan garry, ogly Batyry hem ýanyna çekip, çaganyň ýoluny baglap goýýar. Enesiniň ýaman¬laryndan çekinip, kakasyndan gorkansoň, Nowçanyň özüniň-de öýle¬rinde surat çekmäge bogny ysmaýar. Şonuň üçinem Nowça suraty mekdepde, ak derekleriň, ýaşyl baglaryň goýry kölegesinde, ýaşyl maýsaly, guşgursak bugdaýly, gowaçaly meýdanlaryň gyrasynda çekäýmese başga alaç galmaýar.
Nowçany ýakyndan goldaýan gahryman Sadyk mugallymyň keşbi hem örän şowly keşpleriň biridir. Sungata jany-teni bilen ber¬len halypa zehinli gyzjagazy ruhy taýdan goldap, döredijilikde ak ýol salgy berýär. Frontçy mugallymyň maşgalasy, çagalary bolmansoň, ol mekdebiň howlusynda bir kiçijik jaýy özüne iş ýeri hemem ýaşaýyş jaýy edinip alypdyr. Nowçanyň öýündäki ýagdaýlardan habarly (ol birnäçe gezek töwella-da barýar) Sadyk mygallym göçüp gidende gyzjagazyň surat çekmegi üçin oňa öz jaýyny berip gidýär. Şeýdibem Nowça hiç kime bildirmän, öz «ussahanasynda» surat çekip başlaýar.
Nowçanyň garagol synpdaş ýoldaşy Alçynyň gülküli suratyny çekip, diwar gazetinde çykarmagy bilen baglylykda olaryň arasynda güýçli garşylyk döreýär. Şol ýagdaýdan soň Alçynyň ýek ýigrene¬ni Nowça bolýar. Ol Nowçany awundyrmagy-da hiç zatça görmeýär. Günleriň bir güni Alçynyň ýitirim bolup, ondan hiç hili gördüm-bildimiň bolmazlygy, hossarlarynyň Nowçalara gelip, Alçynyň ýitmegin¬de Nowçanyň hem günäsiniň bardygyny tekrarlap gitmekleri ýaşajyk gyzyň aňynda gapma-garşylykly pikirleriň döremegine getirýär.
Ýaş bolsa-da, gözelligiň, sungatyň adam häsiýetini gowulyga öz¬gerdip, ony terbiýä çekmek meselesine täsir edip biljekdigine Nowça çyny bilen ynanýar. Muny has aýdyň görkezmek we bu babatdaky ynamly garaýyşlaryny nygtamak üçin ýazyjy eserde Alçynyň keşbini herekete getiripdir.
Alçynyň tapylmagy, çeken suratlary üçin onuň Nowçadan hoşal bolmagy suratkeş gyzjagazyň ykbalyna dahylly meseläniň oňyn

çözülmegine täsir edýär. Şu ýerde Nowça bilen enesiniň, kakasynyň arasyndaky garşylyk kem-kemden gowşap başlaýar. Ahyrynda Nowça enesine surat çekmän ýaşap bilmejekdigini çürt-kesik aýtmaly bolýar. Awtor Patma ejäniň aňynda bolup geçýän oňyn özgerişlikleri psiho¬logik taýdan gowy ýüze çykarmagy başarypdyr:
«Patma eje oýlap-çenäp, Nowça hakynda-da şeýle netije çykarypdy: «Aý bolýar-da, Hudaý kalbyna guýandyr-da, elbetde. Ýogsam, beýdib-ä şol zadyň ugrunda ser-sepil bolup ýörmezdi. Iň soňunda biabraýçylygy ýetmese bolýar…»
…–Bolýa-da, gyzym, çekseň çekiber. Ýöne wagtyndajyk dola¬nawer – diýip, Patma eje biraz böwrüne diň salyp oturansoň jogap berdi…» (Durdyýew R. Ak derekleriň aýdymy. Aşgabat, 1994. 374-nji sah.).
Nowçanyň kalbynda beslän uly bir döredijilik arzuwy bar. Ol uzak wagtlap özüni erkine goýmadyk bir suratyň döredijilik hyýallarynyň içinde ýaşaýar. Nowçanyň enesinden eşiden gürrüňiniň esasynda kalbynda şinelän, fronta barýan atasynyň yzynda aglap galan oglanjygyň – kakasynyň keşbi onuň göz öňünden gidenok. Şeýdibem ol gizlinlikde uly taýýarlykdan soň şu suraty çekmäge başlaýar. Taýýar bolup barýan suraty gören Batyra sungatyň sarsdyryjy güýji çynlakaý täsir edýär. «Asylgy duran surat gapydan girenden Batyryň gözüne ildi. Onuň ýüregi jigläp gitdi. Ol titräp duran elleri bilen suraty alyp, ony mähremlik bilen synlady. Şol bada-da kakasynyň ýoluna umydygärlik bilen garap durşy göz öňüne geldi, şol bada-da Nowça berlen ezýetler üçin ýüregi gyýym-gyýym bolup, bijaý awady…» (Durdyýew R. Ak derekleriň aýdymy. Aşgabat, 1994. 378-nji sah.).
Nowça üçin dünýä tutuşlygyna gözellik bilen, täsin duýgular bi¬len beslenipdir. Nowça şeri şer bilen, gödeklik bilen däl-de, haýyr bilen, gözellik bilen ýeňip boljakdygyna akyl ýetirýär.
R.Durdyýewiň «Şeýtan külbesi» eserinde-de maşgala aba¬dançylygyna zeper ýetirýän nogsanlyk barada söhbet açýar. Powestiň baş gahrymany Azat diňe maşgalasynyň asudalygy ugrunda göreşmän, ol tutuş jemgyýetiň bagtyýarlygyna ýaramaz

täsir edýän mesele bara¬da çynlakaý pikirlenýär.
Azadyň kakasy Aşyr eýýäm ençeme ýyldan bäri ajy aragyň ýesirligindäki adam. Eserde onuň maşgalasyna berýän azar-sütemleri, aýalyny, çagalaryny kemsidişi, içip, öz abraýyna şikes ýetirişi, ile gep-gülki bolup ýörşi ynandyryjy, çeper suratlandyrylypdyr.
Azat kakasynyň bolup ýörşünden utanýar, munuň üçin köp gezek kemsinmeli bolýar. Kakasyny düzeltmek, sagaltmak maksady bilen keselhanada hem ýatyrýarlar. Ýöne dolanyp gelen Aşyry obanyň garbanyşhanasynyň eýesi, gizlinlikde spirtli içgileri satýan Nedir öz «gol astyna» alýar. Gün geçdigisaýy Azadyň kakasyny toýlardan öýüne «taşlap gidilmeleriň» sany artyp başlaýar. Azadyň dosty Maksat hem ýagyşly günleriň birinde öz goýun-guzularyny meýdanda taşlap, ýykylyp ýatan Aşyry öýüne alyp gelýär.
Maksat kiçijikkä kakasy aradan çykansoň, ejesi ogluny ata-enesi¬ne taşlap ikinji gezek durmuş gurýar. Ene-atanyň gadryny hemmeler¬den gowy bilýän Maksat eserde Azadyň ýeke-täk syrdaşy hökmünde hereket edýär. Azat öz kakasynyň bolşundan nalap, onuň ölümini is¬län wagty dosty oňa ömrüne sapak bolar ýaly degerli maslahat berýär. Dostunyň beren maslahaty Azada uly täsir edýär. Ol mundan beýläk kakasyndan öýke etmejekdigine, gaýtam her näçe kyn bolsa-da pe¬derini şeýtan ýolundan alyp galmak üçin elinde baryny gaýgyrma¬jakdygyna özüne söz berýär.
Günlerde bir gün Aşyry çöle çopan goşuna maşyn bejertmäge ugradýarlar. Kakasyndan haýyş etse-de, razy bolmanlygy üçin Azat sürüji Jepbar aga bilen dilleşip, gizlinlikde gidýär. Ol çölde kakasynyň göwni açylar, duman basan serini, kalbyny tämiz açyk howa, mährem ýeller arassalar, arak diýen zady unudar diýip umyt edýär. Emma kakasy ymgyr çölüň içinde-de arak tapyp içýär.
Azat uly adamlara – Halyk aga, Hojam aga, Jepbar aga, Ýazy dagylara kakasyny içirmezlik üçin kömek etmeklerini haýyş etse-de oglanyň niýeti başa barmaýar. Görüp otursa, çöldäki çopanlaryň arasynda-da arak diýlen nägehan öz hökmürowanlygyny ýöredýän bolsa nätjek?!. Indi hiç hili çäresi galmadyk Azat bu göreşde utu¬landyryn diýip, pikir edýär. Şonuň üçinem iň soňky

çäresi hökmün¬de günleriň bir güni Azat kakasyna atasy bilen enesiniň mazaryna zyýarata alyp gitmekligi haýyş edýär. Oglunyň duýdansyz orta atan meselesi Aşyry ör-gökden getirýär. Emma aýaly bilen oglunyň özele¬nip durmagy netijesinde, onsoňam Aşyryň özüniňem köpden bäri ol ýere barmanlygy sebäpli, olar ataly ogul bolup, «Ymaratata» öwlüýä¬sine gidýärler. Oglunyň hyýalyna düşünen Aşyr uzak pikirlenip, düzeljekdigini aýdýar, öňki eden günäleri üçinem ötünç sorap, hem merhumlara, hem ogluna söz berýär.

Kakasy bilen zyýarat edip ýören Azady obanyň sylap, ynam bil¬dirip goýan müjewüri Momul şyhyň öz ýaranlary bilen mukaddes ýerde arak içişip, meslik edip oturşy lapykeç edýär.

Powestde gahryman maşgala mukaddesliginiň, jemgyýetiň päkliginiň goragçysy hökmünde orta çykarylýar. Ol özüniň ýaşlygyna garamazdan, ulularyň gyşarmalaryna düşünmäge, özbaşdak netije çykarmaga çalyşýar. Mähir, yhlas, alada bilen kakasyny egri ýoldan halas edýär.

Azadyň adynda-da simwolika bar. Ol öz maşgalasyny, hatda garşydaşlaryny-da bet pişeden, erbetliklerden azat ediji gahryman hökmünde şu ady alypdyr. Ýeri gelende belläp geçsek, R.Durdyýewiň eserlerindäki hereket edýän gahrymanlaryň tas hemmesiniň diýen at¬lary simwoliki häsiýete eýedir. Bu çemeleşme hemme halatda gowy netije bermese-de, eýýäm ýazyjynyň öz gahrymanyna bolan gizlin¬likde saklanmaly garaýşyny aýan etse-de belli pursatlarda onuň çe¬perçilik täsiriniň bardygyny inkär etmek bolmaz.

Azadyň häsiýeti wakalaryň dowamynda gitdigiçe ösýär we güýçlenýär, ol gözleýär, çykalga tapmaga synanyşýar. Kakasyny zyýarata alyp gidende, Momula mertlik bilen gaýtargy berende, Ne¬dir bilen ýüzbe-ýüz bolanda Azat tutuş ýüregi, çaga dünýäsi bilen kakasynyň düzeljekdigine ynanýar. Kakasynyň gowy adamlygy bara¬da ýazan düzmesini okap berende oňa täsir edendigini görüp, kakasy¬na öňde ajaýyp günleriň bardygyna, geljekde bagtly ýaşajakdygyna umyt döredýär.

«Kakamyň sagady» powestinde baş gahrymanyň kakasyna öňdebaryjy zähmet üstünlikleri üçin berlen baýrak – goşar sagady eserde boýdan-başa simwolik detal bolup, ýazyjynyň ideýasyny orta

çykarmakda gahrymanlar bilen bilelikde çeper keşp derejesine göte¬rilýär. Halal zähmetiň, maşgala mertebesiniň doly derejeli nyşanyna öwrülen goşar sagady obada ýeke-täk bolup, ol bu maşgalanyň esasy buýsanjyna öwrülýär. Sagatly bolmaga, sagat dakynmaga oglanjyk başda mertebeli, epeý kişi bolmak üçin ähmiýet beren bolsa, soňundan ol meseläniň diňe bu zatlarda jemlenmeýändigine düşünip başlaýar.
Urşuň başlanmagy bilen kakasy fronta ugrajak wagty goşaryndaky sagadyny ynam bilen oglunyň eline tutdurýar. Kakasynyň front¬dan ýollan hatlarynda: «Sagady aýawly saklagyn. Gijede-gündizde onuň işlemesi galmasyn» diýip sargamagy ýöne ýerden däl. Bu par¬ça gahrymanyň öz sagadyny ilde ýok maddy gymmatlyk hökmün¬de däl-de, maşgalanyň ruhy derejesini kesgitleýän nyşan hökmünde arzylaýanlygyny ýüze çykarmak, nygtamak üçin ulanylypdyr. Munuň şeýledigini tassyklaýan ýene bir mysala ýüzlenmek ýerliklidir:
«Wagtal-wagtal ejem kakamy ýatlap, gama batýar. Şonda ol kakamyň sagadyndan teselli tapan ýaly bolýar. «Guzym, Togar jan, göwnüme bolmasa, sagadyň jykgyldysy kakaň ýüreginiň gürsüldisi ýaly bolup dur. Ýatmawersin onuň sesi» diýýär…» (Durdyýew R. Ak dercleriň aýdymy. Aşgabat, 1994. 19-njy sah.).
Uruş ýyllarynyň gahatçylygy, güzeranyň keşigini ýalňyz özi gerdeninde çekip ýören ejesiniň syrkawlap, ýanyny ýere bermegi maşgalanyň ulujasy Togary mazaly aljyradýar. Ol eger-de ak çörekden doýup, ysgynyna gelse, ejesiniň sagalyp gitjekdigine çyny bilen ynanýar. Şonuň üçinem iň soňky mümkinçiligi – maşgalanyň namysy¬na deňelýän sagadyny una çalyşmaga mejbur bolýar. Şu wakadan soň gahrymanyň aňynda bolup geçýän ruhy ejirleri, gapma-garşylyklary ýazyjy çeper psihologizm arkaly inçeden yzarlap başlaýar. Togar sa¬gady giderenini ejesine aýtmagyň juda kyndygyny soňundan bilip galýar.
Şu ýerde Togar dogrudanam uly ýalňyşlyk goýberenine düşünip galýar. Şol sebäpli-de her edip, hesip edip Abdyl lagar atly peýdakeşe gideren sagadyny uly kynçylyk bilen yzyna almagyň hötdesinden gelýär we ejesine getirip görkezýär. Sagady görenden soň näsag ejesiniň tolgunyşyny, onuň edil adamsyny

gören ýaly ýakymly duýgu¬lary başdan geçirişini, sagadyň jykgyldysyndan uly many çykaryşyny ýazyjy çeper psihologizm arkaly açmagy başarypdyr:
«Ejemiň ýüzi açylan ýaly boldy. Asyl ol nurlandy gidäýdi. Ejem bar güýjüni, bar ünsüni jemläp, sagadyň sesini diňleýärdi. Ýok. Ejem jan bu wagt sagadyň sesini diňlänok-da, mähriban kakamyň ýüreginiň urgusyny eşidýär. Gözlerini ýokaryk dikip, ýylgyrabaga-da sagadyň täsin jykgyldysyna diň salyp ýatyr, diň salyp ýatyr…» (Durdyýew R. Ak derekleriň aýdymy. Aşgabat, 1994. 40-njy sah).
Gahryman ulalyp, işe başlansoňam sagada maşgalanyň nesil¬den nesle geçýän belent mertebesi, mizemejek abraýy hökmünde seredýär. Ol mähriban kakasyndan ýadygärlik galan sagat esasyn¬da ýaşaýar, işleýär. Sagadyň kirjigen ýüzünde ol kakasynyň zäh¬met deriniň, mert pederiň ýoluny dowam etdirmek üçin öz ýörän ädimleriniň, geçen ýol-ýodalarynyň yzyny görýär. Şonuň üçinem ol «Goý, ol ýol, ol yzlar meniň nesillerime atalarynyň bu durmuşy aňsatlyk bilen gurmandyklaryny elmydama ýatlatsyn dursun…» diýip, kesgitli netijä gelýär.
R.Durdyýew döwrüň wajyp meselelerini orta atmakda we täze çeper keşpleri döretmekdäki özboluşly gözlegleri bilen hem de realizmiň aýtymynda romantik häsiýeti ýüze çykarmak arkaly Garaşsyzlyk ýyllarynyň türkmen kyssasyny baýlaşdyrdy.

*Çeşmesi: Begenç Hydyrow, Durdymyrat Rejepow. Türkmen çagalar edebiýaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.-A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015. 132-141 sah.* Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly